# Toýlar toýa meňzesin

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Toýlar toýa meňzesin

TOÝLAR TOÝA MEŇZESIN

Hernäçe kynçylyklaryň köplüginden zeýrensegem, tutulýan toýlaryň gabarasyna seredenimizde, halkymyzyň hal-ýagdaýynyň oňatdygyny görmek bolýar. Hudaýa şükür, türkmen ilinde toýlar toýa ulaşýar. Ogul öýerilýär, gyz çykarylýar. Gadymdan gelýän milli toý-baýramlar hem häli-şindi geçirilip dur. Şol toýlaryň aýdym-sazy-da, hödür-keremi-de ýetik. Toý saçaklaryny synlanyňda, kynçylyk, ýetmezçilik bara meňzemeýär. Bu ýagsaý döwletimizin asudalygynyň, bolçulygyň nyşany. Ýöne häzirki toýlaryň guralyşynda böwrüňi diňledýän ýagdaýlaryň bardygyny hem belläp geçmek gerek. Bular hakda aýratyn durup geçmegi makul bildik.
Türkmenler toý gutlamaga gelenlerinde: "Toýuň gutly bolsun, abraý bilen sowulsyn" diýip, dileg edýärler. Munuň özi ýöne ýere aýdylmaýar. Toý bir köpüň üýşýän ýeri. Oňa çagyrylanam gelýär, çagyrylmadyk-da. Toýa gelýänleriň arasynda her gylykdaky, her hili häsiýetdäki adamlar bolýar. Ylaýta-da ýaşlaryň üýşen ýerinde toýuň şowhunyna päsgel berýän dawa-jenjel hem ýüze çykýar. Toý eýeleriniň käbiri toý saçagynda spirtli içgileri aşa köp goýýar. Bu bolsa toýlarda tertip-düzgüniň, kada-kanunyň äsgermezlik edilmegine alyp barýar. Toýda bolýan tertipsizlikleriň soňunyň ýaramaz hadysalara eltýän wagty hem az bolmaýar. Bir maşgalanyň artyp, ene-atany, dogan-garyndaşy, dost-ýarlary, il-güni begendirjek, şatlandyrjak gününde, birek-birege ýumruk salyp, tyg çekip, toýy bulap ýörmek gaty gelşiksiz ýagdaý. Emma gynansak-da, toý eýelerine toý sowuşmaga kömek bermeden geçen, wejera bolup uruşýanlara soňky döwür ýygy-ýygydan gabat gelýäris. Şol dawa-jenjelleriň köpüsi içgili adamlar sebäpli ýüze çykýar.
Gurban baýramy mukaddes dini baýram hasap edilýär. Şol gün

Hudaý ýoluna janly soýlup, Allatagaladan ähli edilen günäleriñ geçilmegini her kim dileg edýär. Bu baýramda spirtli içgileri içmek asla bolmaýar. Muña garamazdan Gurban baýramynda diñe bir içgi içmek bilenem çäklenmän, özünden uly agasynyñ öwütündewli gürrüñine gahar edip, aşhanada ýatan pyçagy alyp, öz-özüne şikes ýetiren kelesaña hem duş gelen ýerimiz boldy.
Her öýüñ myhmansyz güni az. Ata-babalarymyz "Myhman atañdan uly" diýip, gelen myhmana uly hezzet-hormatlar edipdirler. Ýöne öýüñe gelen myhman eline pyçak alyp, üstüñe dübläp dursa, beýle myhmandan Hudaý saklasyn diýdirýär. Gynansak-da, öý eýesine myhman bolup däl-de, musallat bolup sataşýan näkeslerem bar.
Bütin şu gelşiksiz wakalar görşüñiz ýaly, tertipsiz geçirilen toýlaryñ, şol toýlarda aşa köp içilen içgileriñ, çekilen neşeleriñ netijesi. "Azdyrma, azana duçar etme" diýleni. Şeýle azgynlaryñ garşysyna jenaýat işini gozganyñ bilen munuñ soñuna çykyp bolmaýar. Ýeneki toýlarda şeýle wakalaryñ bolmajakdygyna hiç kim güwä geçip bilmez. Şonuñ üçin toýlary bulap ýören ýakasygaýýyşly näkesleriñ garşysyna uly il bolup göreşmeli. Ýaşulular, toýuñ beýemçileri gykylyk-galmagal döredip, dawa gözläp ýören şerçileri toýdan garasyny saýlar ýaly etmeli.
Guramaçylyksyz geçirilýän toýlar hakda gürrüñ edilende, ýene bir zady belläp geçesim gelýär. Käbir toý tutýanlar häkimliklerden, polisiýa bölümlerinden rugsatsyz uly gatnawly köçeleri bekläp, köçäniñ ugrunda toý edýärler. Uly gatnawly köçeleri ýapmaga rugsat edilmeýär. Gatnawy az, çola köçelerde-de toý ediljek bolsa, hökman degişli ýerlerden rugsat almaly. Baş-başdaklyk bilen köçeler ýapylsa, ýol-transport hadysalarynyñ ýüze çykmagyna getirýär.
Hormatly ildeşler, asuda watanymyzda toýlaryñ toýa meñzemegini, mydama şatlyk-şagalañ bolmagyny islesek, toýlarymyzy agzybirlik bilen, guramaçylykly we tertip-düzgünli geçirmäge çalyşmaly. Spirtli içgileriñ köplügi seniñ barlylygyñy-da, sahydygyñy-da görkezmeýär. Toýda içgä bat bermek, öz toýuñy özüñ bulamakdyr. Toýlaryñyz abraýly bolsun, adamlar!

Tagangylyç BERDIÝEW,
polisiýanyň maýory.

Jemgyýetçilik tankydy